# Marat Nyýazow

Category: Kitapcy,Sport we turizm
написано kitapcy | 23 января, 2025
Marat Nyýazow MARAT NYÝAZOW

Türkmen spordy – diýlende türkmen sportynyň taryhynda öçmejek yz goýan Altymyrat Orazdurdyýew, Marat Ataýewiç Nyýazow… göz öňüňe gelýär.
M.A.Nyýazow barda biziň kä birlerimiz ýeterlik maglumatlary bilmeýän bolsak gerek.
M.A.Nyýazow 1933-nji ýylyň 28-nji sentýabrynda Aşgabat şäherinde doglup, öz döwründe tüpeňden ok atmak boýunça iň güýçlileriň biri bolan.
M.A.Nyýazow 1958-nji ýylda Moskwada tüpeňden ok atmak boýunça Dünýä çempionaty geçirilende bir wagtyň özünde birnäçe altyn medal gazanyp uly meşhurlyga eýe bolýar. Ol 1960-njy ýylda Rimde geçirilen Olimiýa oýunlarynda kümüş medaly gazandy.
Marat Ataýewiç Nyýazow:

– SSSR-iň we TSSR-iň at gazanan sport ussady;
– 7 gezek – Dünýä çempiony;
– 10 gezek – Dünýä çempionatynyň kümüş medalynyň eýesi;
– 3 gezek – Dünýä çempionatynyň bürünç medalynyň eýesi;
– 3 gezek – Ýewropa çempiony;
– Ýewropa çempionatynyň birnäçe gezek kümüş we bürünç medallarynyň eýesi;
– 14 gezek – SSSR-iň çempiony;
– 9 gezek – Dünýä rekordyny goýdy;
– 11 gezek – Ýewropanyň rekordyny goýdy;
– 30 gezek SSSR-de rekort goýdy;
– Umumy gazanan sport medallarynyň sany – 200 sany.
Ömrüniň ahyrlarynda ol özüni kino sungatynda hem barlap gördi. Kino sungatynda öçmejek yz galdyran meşhur Baba Annanowyň ogly Kerim Annanowyň düşüren «Güýz» atly kinosynda baş gahrymanyň keşbini janlandyrmak bilen özüne ynanylan keşbi ussatlyk bilen ýerine ýetirdi. «Aslynda tejribeli aktýorlar hem kino düşende

aljyraýarlar. Emma Marat aga öňden hem kino düşüp ýören ýaly örän erkin hem-de ynamly öz personažynyň keşbini oýnady» — diýip Kerim Annanow ýatlaýar.
M.A.Nyýazow 2009-njy ýylyň 8-nji aprelinde 75 ýaşynda aradan çykdy.

Taýýarlan: Erkin ÇARYÝAROW. Sport we turizm